***BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm ugurlaryna bagyşlanan ýokary derejedäki çäreleriň birnäçesini geçirmek meýilleşdirilýär. Deslapky maksatnama laýyklykda, forumyň açylyş dabarasyny 5-nji awgustda günüň birinji ýarymynda geçirmek göz öňünde tutulýar.***

Halkara maslahatyň çäklerinde Günorta — Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygyny, raýat jemgyýetiniň forumyny, ýaşlar forumyny, parlament forumyny, hususy pudagyň forumyny, arabaglanyşyk çäresini, zenan ýolbaşçylaryň forumyny, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli günlerini, medeniýet we sungat ussatlarynyň konsertini, tematik sergileri we beýleki ugurdaş çäreleriň birnäçesini geçirmek meýilleşdirilýär.

Awaza forumynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň gülläp ösmeginde düzümleýin özgerişleriň, diwersifikasiýanyň, ylmyň, tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň ähmiýetine, söwda we sebitara hyzmatdaşlyga, howanyň üýtgemeginiň hem-de tebigy hadysalaryň ýaramaz netijelerine garşy göreşmegiň ýollaryna, durnukly ulag ulgamlarynyň döredilmegine, mümkinçilikleriň işjeňleşdirilmegine we halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine bagyşlanan ýokary derejedäki «tegelek stollary» geçirmek meýilleşdirilýär.

**Babahan EÝEBERENOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026